# MÜSÜRDE, ULULYGY ŞARM-EL-ŞEÝH BILEN DEŇ, TÄZE DEŇIZ SYÝAHATÇYLYK KURORDYNY GURARLAR

Müsüriň hökümeti Ortaýer deňziniň kenarynda BAE-den uly girdejili maýa goýumy uly syýahatçylyk kurordyň gurluşygyna goýmakçy. Ululygy Şarm-el-Şeýh syýahatçylyk zolagyna barabar bolan bu iri taslama, geçen hepdäniň iň möhüm wakalarynyň biri boldy.

Geçen çarşenbe, 7-nji fewralda, Esasy Maýa goýum merkeziniň baş müdiri Hossam Haýba Müsürde Ortaýer deňziniň kenarynda durmuşa geçirmek meýilleşdirilýän taslama barada CNBC Arabia teleýaýlymynda gürrüň berdi.

Gürrüň, deňziň demirgazyk kenarynyň ösüş maksatnamasyna girýän **Ras-el-Hekma** iri deňiz syýahatçylyk kurordyny döretmek barada gidýär. Taslama Müsüriň hökümeti we hususy kärhanalaryň hyzmatdaşlygynyň birleşmeginde durmuşa geçirilýär, şonuň üçin ençeme ýurtlaryň bileleşikleriniň maýa goýumçylaryndan dürli teklipler gelip gowuşdy.

Netijede, taslama 22 mlrd amerikan dollaryny maýa goýjak BAE-niň konsorsiumy saýlandy, eger gerek bolsa ondan hem köp pul serişdesini goýmakçy. Bu pul möçberi birbada däl-de, eýsem gurluşyk möhletiň dowamynda giriziler. Hossam Haýbanyň aýtmagyna görä, häzir gepleşikler tamamlanýar we şertnamalara gol çekmäge taýynlyk görülýär.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.11.2024